# Muhammet Gazaly

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar,Söhbetdeşlik,Sözler,Taryhy şahslar,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
Muhammet Gazaly MUHAMMET GAZALY

Seljuklar döwrüniň edebi eserleriniň özenini köp halatda, ahlak, yslam dini we imperiýa girýän milletleriň halk döredijilik däpleriniň sazlaşygy düzýär. Gündogar edebiýatynda täze ideýalaryň, ynançlaryň we garaýyşlaryň örüsiniň giňemegi bilen sopuçylyk edebiýaty doly taplanypdyr. Täze dörän döwletiň jemgyýetçilik syýasy gurluşynda orun tutan sopuçylygyň esaslaryny, kanunalaýyklyklaryny görkezmekde we onyyslam dininiň düzgünlerine laýyk getirmekde Muhammet Gazalynyň hyzmaty örän uludyr. Alymyň dini-sopuçylyk garaýyşlarynyň Gündogar edebiýatyna, şol sanda türkmen edebiýatyna giňden ornaşmagy, geljekki döwürleriň jemgyýetçilik aňyna we edebi ösüşine özüniň ägirt uly täsirini ýetirdi.
Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda häzirki wagta çenli Muhammet Gazalynyň ylmy-edebi mirasyny öwrenmekde juda az işler edildi diýsek, ýalňyşdygymyz bolmaz. Şol birwagtyň özünde, Günbatarda alymyň ylmy, dini, flosofki garaýyşlary eýýäm XIX asyrdan başlap ylmy jemgyýetçiligiň ünsüni özüne çekipdir. Muhammet Gazalynyň eserlerini dürli tarapdan öwrenmekde D. B. Makdonald, Karra de Wo,
M. Asin Palasios, L. Massinon, W. M. Watt ýalyalymlarulyişleramalaaşyrypdyrlar. Şeýle hem alymyň döredijiliginiň gymmatyny ýüze çykaran alymlar hökmünde rus gündogarşynaslar A. E. Şmidti, A. Ýe. Krymskini we beýlekileri görkezmek bolar.
Hujjetul-islam (Yslamyň delili), Zeýnuddin (Diniň zynaty) lakamyny göteren Muhammet ibn Ahmet Gazaly at-Tusy 1058-nji ýylda Horasanyň Tus şäherine degişli bolan Gazal obasynda dogulýar.

Gazalynyň kakasy dükanda dokma önümlerini satyp, gününi görüpdir. Alymlaryň üýşmeleňlerinde olaryň söhbetlerinden gulagy ganandan soň ol iki oglunyň (Muhammediň we Ahmediň) hem ylymly-bilimli adamlar bolup ýetişmeklerini arzuwe dipdir. Kakasyölmezindenöň sopy dostuna ýygnan pullaryny berip, ogullaryna bilim bermek üçin harçlamagyny tabşyrypdyr.

Gazalynyň ömür ýoly hakynda köp sanly rowaýatlardyr hekaýatlar bar. Alym- şahyryň özi hakynda kän bir maglumat goýmandygy we ol barada taryhy maglumatlaryň azlyk edýändigi sebäpli, Gazalynyň ömür ýoluny dikeltmekde rowaýatlar we hekaýatlar ýeke-täk ygtybarly çeşme hasaplanýar.

Gazaly Ürgençde okuwyny tamamlap, Tusa ýola düşende, onuň gelýän kerwenini garakçylar talapdyrlar. Şonda, Gazaly garakçylaryň baştutanyna depderlerini gaýdyp bermegini töwella edipdir. Garakçy: «Sendenem bir ylym öwrenen bolarmy? Görýärmiň, eliňden depderleriň alynsa ylymsyz, sowatsyz bolup galyberýäň» diýip, depderlerini gaýtarypdyr. Gazaly garakçyny aýdanyny dogry hasaplap, depderlerine ýazan ýazgylarydyr belliklerini doly öwrenipdir.

1080-nji ýyl Muhammet Gazalynyň ykbalyna öwrülişik getiren senedir. Ol birnäçe deň-duş oglanlary bilen Nyşapuryň Nyzamiýe medresesine okuwa gidýär. Gazaly zehininiň ýitiligi we ýatkeşliginiň berkligi bilen beýleki talyplardan tapawutlanyp, şol döwrüň meşhur alymy Jüweýniniň iň ökde şägirdi bolup ýetişipdir. Gazalynyň meşhur wezir Nyzamylmülk bilen nähili ýagdaýda tanşandygy hakynda anyk maglumat ýok, ýöne bu hakda alymlar dürli pikirleri öňe sürýärler. Biziň pikirimizçe, bu taryhy tanyşlygyň sebäpkäri Abulmegaly Jüweýni bolmaly. Mälim bolşuna görä, Nyzamylmülk alymlary daşyna toplap olara ýardam beripdir.

1091-nji ýylda Nyzamylmülk Gazalyny şol döwrüň ýokary bilim berýän Bagdatdaky Nyzamiýe medresesine ýolbaşçy edip belleýär. Onuň berýän derslerine birbada 400 talyp gatnaşypdyr. Alym-şahyr medresede talyp okatmakdan daşary fykh, tasawwuf ylymlary boýunça özüniň ilkinji kitaplaryny ýazyp başlapdyr. Şonuň bilen birlikde, alym Bagdat halyfynyň iň ýakyn maslahatçysy hem bolupdyr. Şeýle-de ol Nyzamylmülküň tabşyrygy

boýunça şafigy mezhebiniň ylmy esaslaryny taýýarlamak işi bilen meşgullanypdyr.
Eýýäm 28 ýaşynda Gazaly Horasanda we Yrakda alym-ylahyýetçi diýen meşhurlygy gazanyp bilipdir. 1092-nji ýylyň aýagynda alymyň howandary Nyzamylmülk, ondan bäş hepde soň Mälik şa aradan çykypdyr. Gazaly ýene-de üç ýyl Nyzamiýe medresesinde işläp,1095-nji ýylda ony terkedip, syýahata çykýar. Ömrüniň galan bölegini tenhalykda ýaşap, 1111-nji ýylda öz dogduk mekanynda aradan çykypdyr.
Gazalynyň Nyzamiýe medresesini terk edip, syýahatçylyk etmeginiň sebäbi hakynda alymlarda dürli garaýyşlar bar. Mälim bolşy ýaly, soltanyň we baş weziriň ölüminden soň Seljuklar döwletinde häli-şindi bulagaýlyklar döräp, ýurt durnuksyz ýagdaýda bolupdyr.Berkýarygyňsoltanlyk eden döwri ylym-bilim ünsden düşürilip başlapdyr. Nyzamylmülk tarapyndan howandarlyk edilen birnäçe alymlaryň ylmy başlangyçlary maliýe taýdan üpjünçiliginiň bes edilmegi sebäpli togtadylypdyr.Bu ýagdaýyň üýtgewsizdowam etmegi elbetde, Gazala-da täsir edendir. Bu döwürde meşhur alym talyp okatmagy bes edip, bar ünsüni eser ýazmaga gönükdiripdir.
Gazaly ýüze golaý kitap ýazyp, olaryň hemmesi diýen ýaly sopuçylyk ýoly bilen baglanyşyklydyr. Meşhur söz ussadynyň Gündogar edebiýatyna goşan goşandy we yslam dininiň öňünde bitiren hyzmatlary uludyr.
Seljuklar döwründe ylahyýetçileriň we flosofaryň arasynda ýiti garşylyk döräpdir. Gazaly filosofiýany we sopuçylygy yslam dininiň ulgamyna laýyk getirmegi we girizmegi başaryp, musulmançylyk taglymatynda özboluşly öwrülişigi amala aşyrypdyr.Ylahyýet düşünjesiniň we onuň esaslarynyň doly anyklanmadyk wagtynda hem flosofýadan, hem ylahyýetden oňat baş alyp çykýan we onuň meselelerine çürt-kesik düşünýän alyma derwaýyslyk dörände, şeýle alym hökmünde Gazaly orta çykypdyr. Ol flosofýanyň anyk meselelerini doly kesgitlemek bilen materialistik pikirli filosoflaryň garaýyşlaryny tankyt astyna alypdyr. Şeýle-de meşhur alymyň tebigy dilewarlyk zehini bolup, logiki pikir ýöretmek netijesinde, köpçüligi öz tarapyna çekmegi başarypdyr. Seljuk hö- kümdary Soltan Sanjar

Horasana gelende, oňa şikaýat bilen Horasanyň we Yragyň ylahyýetçileri ýüzlenipdirler. Olar Gazalynyň din barada ylahyýetçi ýaly däl-de, flosof ýaly çemeleşip pikir ýöredýändigini, netijede bolsa, dinden çykma ýagdaý döredýändigini arz edipdirler. Olar Gazaly bilen Soltan Sanjaryň gatnaşmagynda açyk jedelleşmekden heder edipdirler, çünki, alym logiki pikir ýöretmek netije- sinde, Soltan Sanjary öz tarapyna çekmek howpundan howatyrlanypdyrlar. Nähili bolsa-da, Gazaly bilen ylahyýetçileriň arasynda Soltan Sanjaryň gatnaşmagyn- da açyk ylmy çekeleşme guralypdyr. Gazalynyň çykyşy Soltan Sanjarda şeýle bir täsir galdyrypdyr welin, hökümdar alyma Bagdat Nyzamiýesine täzeden ýolbaşçy bolmagyny teklip edipdir. Alym bu teklibi kabul edipdir. 1107-nji ýylda Fahralmülk (Soltan Sanjaryň weziri, Nyzamylmülküň ogly) öldürilenden soň, ol ýene-de Tusa dolanyp gelipdir.

Gazalynyň öz döwürdeşi meşhur Omar Haýýam bilen bolan gatnaşygy hakynda taryhy çeşmeler we gündogarşynas alymlar hiç hili maglumat bermeýärler. Diňe taryh ylymlarynyň kandidaty G.M.Kerimowyň «Ortodaksal yslamda sopuçylyk we al-Gazalynyň oňa bolan gatnaşygy» atly eserinde taryhçy Şahrazura salgylanyp, şeýle hadysany gürrüň berýär: «Günlerde bir gün Hüjjetul yslam al-Gazaly onuň (Omar Haýýamyň) ýanyna gidip: «Näme üçin asmanyň bir bölegine polýar diýilýär, pelsepeçi alymlar asmanyň bir bütewi- digini aýdýarlar ahyryn?» diýip sorapdyr. Omar Haýýam asman jisimleriniň hereketi hakynda uzak wagtlap, tä öýle namazynyň azan sesi eşdilýänçä gürrüň beripdir. Azanyň sesi gelende Gazaly:«Hakykat başlap, boş söz ýok boldy» diýipdir. Şunluk bilen söhbetdeşlik gutarypdyr».

Muhammet Gazaly hem, Omar Haý- ýam ýaly döwletiň syýasy-jemgyýetçilik durmuşyndan üzňelikde bolmandyr. Onuň döreden eserleri jemgyýetçilik aňynyň özgermegine uly täsirini ýetiripdir. Galyberse-de, ortodaksal yslamyň tarapdary bolmak bilen, Gazalynyň öňe sürýän pi- kirleri ysmailitler, rafeziler, batynylar ýaly ýarym dini, ýarym syýasy guramalaryň garşysynaýiti ýarag bolup hyzmat edipdir.

Gazaly diňe bir dinde, filosofiýada, sopuçylykda uly yz goýan söz ussady bol- man, Gündogar edebiýatyny ösdürmekde-de

önjeýli goşant goşanlaryň biridir. Muhammet Gazaly sopuçylyga ýugrulan edebi-ylmy döredijiliginde edebiýaty yslam medeniýeti bilen baglamagy ba- şaran söz ussadydyr. Bu ýagdaý Gazalynyň hemme eserlerine degişli bolup, ony Günbatarda iň köp okalýan yslamalymyna öwüripdir.
Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Muhammet Gazaly ençeme ululy-kiçili işleriň awtorydyr.
«Mukäşşefetul-kulub» («Ýürekleriň keşbi») atly eser Gazalynyň iň meşhureser- leriniň biri bolup, onuň baş ideýasynyň özeninde adamyň ýüreginiň sap bolma- gynyň, ahlak sypatlaryny gözelleşdirmegiň ýollaryny kesgitlemekden ybaratdyr. Eserde «Syýasatnamada», «Nowruznamada» bolşy ýaly, aýdyljak bolýan pikiriň aýdyň, düşnükli, şol bir wagtyň özünde täsiredi-jiligi güýçli bolar ýaly köp sanly meşhur taryhy şahslar bilen baglanyşykly heka- ýatlar ulanylypdyr. «Mukäşşefetul-kulub» Seljuklar döwrüniň aglaba eserlerinde bolşy ýaly, Allatagala we Muhammet pygambere mynajat sözleri bilen başlaýar. Eseriň ilkinji baplary «Alladan gorkmak» wesýeti bilen başlap, Gurhanda Muhammet pygamberiň hadyslarynda her bir ediljek işe «ýedi ölçäp, bir kesmek» jähetden çemeleşip, ýaramaz iş etmekde Allanyň gazabyndan gorkmalydygy we wagtynda toba etmelidigi ündelýär. Şeýle-de baplaryň dowamynda hekaýatlary getirmek eseri çeperçilik taýdan has-da baýlaşdyryp, onuň edebi gymmatyny art- dyrýar. Eserde Muhammet pygamberiň: «Gul tenini Alladan gorkmak bilen örtse, onuň günäleri agaçdan ýaprak dökülişi ýaly döküler» (türkçeden terjime – H. G.) diýen sözleri getirilýär. Nyzamylmülküň «Syýasatnamasynda-da» Allanyň gazabyndan gorkmalydygy baradaky pikir ilkinji baplaryndan başlap, tä soňky baplara çenli eseriň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Gazalynyň «Ýürekleriň keşbi» we Nyzamylmülküň «Syýasatnama» eserleriniň hersine mahsus aýratynlygynyň bolşy ýaly, käbir umumylyklary-da bardyr. Olaryň käbirleri hakynda durup geçeliň: iki eseri umumylaşdyrýan ýagdaýlaryň biri olaryň öwüt-nesihat görnüşinde ýazylanlygydyr. «Ýürekleriň keşbinde» hem «Syýasatnamada» bolşy ýaly, baplaryň biri-biri bilen ýordum baglanyşygy ýok. Ýazyjylaryň ikisi hem aýtjak bolýan pikirlerini mümkingadar

sada görnüşde beýan edip, Gurhandan, Muhammet pygamberiň hadyslaryndan jümleler getirmek bilen aýdyljak zadyň düşnükli, esasly, agras, çuň manyly bolmagyny gazanmaga çal- şypdyrlar. Şeýle-de, olaryň ikisem taryhy rowaýatlara, hekaýatlara ýüzlenipdirler. Bu bolsa öz gezeginde, eseriň has çeper, täsiredijiwe ýatdagalyjybolmagyüçin Sel- juklar edebiýatynda söz ussatlaryň giňden ulanan edebi tär-tilsimlerini ulanypdyrlar. Ýeri gelende bellesek, sabyrly bolmak meselesinde Nyzamylmülk: «Kadyr Alla: «Äwmek şeýtandan, sabyr Rahmandan» diýipdir» atalar sözüne öwrülen jümläni getiren bolsa, Gazaly Gurhandan Gündo- garhalklarynyňaglabasyndaatalarsözüne öwrülip, häli-şindi ulanylýan: «Alla sabyr edijileri söýýändir» diýen aýaty getiripdir. Ýazarlaryň getiren mysallarynyň dürlüdigine garamazdan, olardan gelip çykýan many birdir. Eserleriň ikisinde-de, ynsan häsiýetine mahsus bolan sypatlar giňişleýin seljerilýär, onuň bilen baglanyşykly ýaşap geçen taryhy şahslaryň durmuşyn- dan hekaýatlar getirilýär, şeýle-de ündelýän häsiýetiň garşylykly tarapyna-da baha berilýär.
Rehimdarlyk, merhemetli bolmak iki akyldar tarapyndan hem oňat işlenilen temadyr. «Ýürekleriň keşbinde-de» we «Syýasatnamada-da» bu temabagyşlanan ýörite baplar bar. Eserleriň ikisinde hem diňebir adamlaradäl,eýsem,Allanyň ýara- dan ählijanly-jandarlaryna-da merhemetli bolmalydygy barada nygtalyp geçilýär. Gazaly kitabyň «Merhemetli bolmagyň artykmaçlygy» atlybölümindebiradamyň suwsuzlykdan jebir çekip, zordan bir guýa ýetendigini we suwdan ganyp, ysgynsyz ýatan iti köwşüne suw guýup gandyrandygy hakyndaky hekaýaty getiripdir. Hekaýatyň Muhammet pygamber tarapyndan gürrüň berilendigi aýdylyp: «Adamyň bu hereketi Allanyň hoşuna gider we onuň ähli günälerini geçer» diýen sözleri bilen soňlanýar. Ýordumy taýdan meňzeş hekaýaty «Syýasatnamada» hem görmek bolýar. Hekaýat Merwerut şäherinde Reşit hajydiýen bir adamyň rehimsiz basybalyjy bolandygy we ahyrsoňy toba gelip, haja gidendigi, köp sanly sadaka berendigi beýan edilýär. Bir gün Reşit hajy ýolda bir ýaraly ite gözi düşüp, oňa rehim edipdir, öýüne getiripdir, öz eli bilen däri-derman edip- dir. Reşit hajy

ölenden soň, ol adamlaryň düýşüne jennetde şady-horram halynda giripdir. Reşit hajydan jennete girmeginiň sebäbini soranlarynda, ol: «Sadyk bolma- gym, sadakalarym we haja gidip gelenim haýyr etmedi. Ynha, şol öz elim bilen ýaralaryna em eden güjügim üçin maňa: «Biz şol it üçin seniň günäleriňi ötýäs» diýdiler. Meniň sogaba mynasyp hyzmatlarymdan kömegi degen ýeke-täk şol boldy» diýipdir.
«Ýürekleriň keşbi» we «Syýasatnama» eserleriniň köp umumylyklarynyň bolma- gyna garamazdan, olaryň hersiniň dürli maksat bilen ýazylandygyndan başlap, mazmunynyň, gurluşynyň, waka ýordu- mynyň, ideýa-çeperçiliginiň hem özboluşlydygyny aýtmagymyz zerurdyr. Nyzamyl- mülküň «Syýasatnamasy» edebi-syýasy eser hasaplansa, Gazalynyň «Ýürekleriň keşbi» eserine öwüt-ündew häsiýetli eser diýip bolar, ýa-da Gazalynyň eserinde diňe ynsan kalby we onuň ruhy gymmatlyklaryny ösdürmek hakynda söhbet edilse, Nyzamylmülk öz eserinde jemgyýetdäki syýasy-jemgyýetçilik gatnaşyklaryna-da uly orun beripdir. «Syýasatnamanyň» käbir baplarynyň kompozision gurluşy we ýordum yzygiderligi hakyndapikir ýöredip bolýan bolsa,«Ýürekleriň keşbinde» ýordumyň ýokdugy barada aýdyp bolar.
Adamzat siwilizasiýasynyň her bir döwründe medeni gymmatlyklar (kitaplar, suratlar, amaly-haşam eserleri) döredilip, öz döwrüniň jemgyýetçilik durmuşyndan, medeniýetinden, edebiýatyndan, ruhy gymmatlyklaryndan we ş. m. habar berýär.Şeýle-de, taryhda öz döwrüniň ga- zananlaryny beýan edýän eserler özüniň taryhy çeşmeligi bilen gymmatlydyr.Şeýle eserleriň biri-de Muhammet Gazalynyň iň meşhur eseri «Ihýa ulum ad-dindir» («Dini ylymlaryň dikeldilmegi»). Gazaly bu eseri on ýyllyk syýahatçylygyndan soň ýazmaga girişipdir. Bu eserde diniň fykh, ylahyýet, pelsepe we sopuçylyk ýaly ugurlarynyň ýeten sepgitlerine baha berilýär. «Ihýa ulum ad-din» eseriniň aýdyňlygyny, düşnükli beýan edilişini we pikir yzygiderliginiň berkdigini bellemek bolar. Häzirki güne çenli Gazalynyň bu eseri yslam dinini öwreniji pelsepeçi alymlaryň arasynda ylmy esasly jedelleri döredýär. Gazalynyň bu esere «Ihýa ulum ad-din» («Dini ylymlaryň dikeldilmegi») at bermegi

näme sebäp bolduka? «Hakykatdan hem XI asyrda dini ylymlar pese düşüp, olary dikeltmekde derwaýyslyk döredimikä?» diýen soraglaryň döremegi tebigydyr.
Yslam dininde Gurhandan, Muham- met pygamberiň sünnetinden we hadyslaryndan başga Gurhanyň tefsirleri (düşün- dirişleri) döredilipdir. Bu tefsirler Gurhany düşündirmekde gollanma hökmünde döredilip, olaryň sany günsaýyn artypdyr. Olaryň sanynyň artmagy netijesinde Gur- hana dürlüçe düşündiriş berlip, tefsirleriň tefsirleri(düşündirişe berilýän düşündiriş) döredilip başlanypdyr.Şeýlelikde, mukad- des ýazgydaky düýp manydan daşlaşma ýagdaýy döräpdir. Bu ýagdaý bolsa öz gezegindedini arka tutýan dürliýitisyýasy toparlaryň we guramalaryň döremegine getiripdir.
Dine çemeleşmegiň inçe ýollaryny we ahlak sypatlaryň kadalaryny özünde jemlän «Ihýa ulum ad-din» uzak asyrlaryň dowamynda yslam dininiň kada-kanunlaryny berjaý etmekde musulmanlar üçin gollanma bolup gelipdir. Kitabyň türk dilindäki terjimesine sözbaşy ýazan A. Fikri Ýawuz onuň ähmiýeti dogrusunda şeýle diýýär:«Ihýaulumad-din» musulmanlaryň durmuşyna uly täsir eden musulmançylyk çeşmelerinden jümlelerdir. Bu kitap uzak wagtlap musulmanlarynyň akylyny öz täsiri astynda saklapdyr».
Muhammet Gazalynyň ýene-de bir meşhur kitaby «Kimýaýi-saadet» («Bagtyň melhemi») atly eseridir. Alymyň «Kimýaýi- saadet» eseri köp sanly alymlaryň pikiriçe «Ihýa ulum ad-diniň» has düşnükli we gys- galdylan görnüşidir. Bu kitap hem asyrlaryň dowamynda örän uly meşhurlyga eýe bolmagy başarypdyr. «Syýasatnama» eseriniň rus dilindäki neşirine sözsoňy ýazan tanymal gündogarşynas alym B. Zahoder Ibn Bibiniň ýatlamalaryna (XIII asyr) salgy- lanyp, rum seljuklarynyň soltany bolan Allaeddiniň Nyzamylmülküň «Syýasatnama» we Gazalynyň «Kimýaýi-saadet» eserlerini ýankitap edip ulanandygyny aýdýar.
Gazaly bu eserde yslam dininiň şerigat meseleleri we adamyň oňa bolan gatnaşygy dogrusynda söz açmak bilen bir hatarda, ynsanyň jemgyýetdäki orny, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda etiki-ahlak kada-kanunlary, jemgyýetiň beýleki agzalary bilen

gatnaşmagyň düzgünleri hakynda hem gürrüň edýär. Şu nukdaýnazardan seredeniňde belli bir derejede, «Kimýaýi-saadet» syýasy-jemgyýetçilik häsiýetli eser diýip bolar.
Umuman alanyňda, Gazalynyň eserleriniň hemmesinde dini meseleleriň agdyklyk etmegi döwrüň jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyndan gelip çykýandygy bilen düşündirip bolar. Hususda, bu döwürde din jemgyýetçilik durmuşyna doly we mäkäm ornaşyp, jemgyýet gatnaşyklary onuň kada-kununyna görä saklanmaga ymtylypdyr. Şol sebäpden-de jemgyýetçilik-syýasy özgerişlere baha berlende döwrüň dini durmuşynda bolup geçen hadysalary göz öňünde tutmakwajyp bolup durýar. Yslam dini, hakykatdan hem, bu döwür içinde köp zatlary beýleki dinlerden we pelsepewi akymlardan alypdyr. Şeýlelikde, XI asyryň şertlerinde dini goramagyň pelsepewi gorunydöretmekişinde ýiti derwaýyslyk peýda bolýar. Başgaça aýdanymyzda, möwç alyp başlan dürli görnüşli pelsepeçilere garşy durup biljek, ortodoksal sünni akymyny goramaga ukyply ylahy ylymlarynyň berk binýadyny döretmek meselesi ýüze çykýar. Onuň netijesinde musulman sholastiki ylahyýetiň ilkinji ulgamy bolan kalam (dini çekişme, jedelleşme) döreýär. Kalamyň ösüşinde görnükliyzgaldyran ylahyýetçileriň biri-de al-Aş’ary bolupdyr. Ol dini meseleleriň çözgütlerini pikir öwürmek we delil getirmek arkaly beýan eden bolsa, käbir meselelere şol sanda Alla mahsus sypatlar ýaly mesele dogrusynda doly delillendiriji pikiri bolmansoň, radikallar we konserwatorlar aralygyndaky orta taby saýlap alypdyr. Ylahyýetçi alymyň dini çemeleşmede öz ulgamyny düzendigini we sünni akymyň şafygy mezhebinde onuň ulgamynyň giň orun tutandygyny bellemelidiris. Şeýle-de bu ulgam (aşarizm) Günbatar ýurtlarynyň pelsepeçileri tarapyndan giňden öwrenilendigini ýatlatmalydyrys.
Seljuklar döwrüniň edebiýatynyň wekilleriniň aglabasynyň eserlerinde (mysal üçin: Nyzamylmülküň «Syýasatnama», as-Samarkandynyň «Sindbatnama»,Omar Haýýamyň «Nowruznama» we beýlekiler) bolşy ýaly, «Kimýaýi-saadetde» hem hökümdaryň nähili bolmalydygyna jogap berilýär.Bu meseläniň beýleki sözussatlar bilen bir hatarda, Gazalynyň hem gozgamagy tötänlikmi ýa-da kanunalaýyklykmy? Eger-de, tötänlik bolmasa,

onuň derwaýyslygy nämeden ybarat? Gazaly«Höküm we edara» atly bölümde:«Bilipgoý,edaranyň häkimibolmakuly birişdir;egerondaadalatweynsaphöküm sürýän bolsa, ondan ýer ýüzünde Allanyň höküm sürdügidir. Adalat we ynsapdan daş bolsa, nälet siňen şeýtanyň höküm sürdügi bolar» diýip, Nyzamylmülküň we beýleki meşhur ýazyjylar ýaly häkimlik edýän kişiniň ilkinji nobatda adalatly bolmalydygyny nygtaýar. Şeýle-de Gazaly adalatly bolmak üçin on kadany berjaý etmelidigi hakynda aýdyp,olaryň üstünde ýeke-ýeke durup geçýär.

Gazaly «Kimýaýi-saadet» («Bagtyň melhemi») eserinde hökümdarlara salama barmak, olar bilen salamlaşmagyň düzgünleri, soltana ýakyn bolmagyň tertibi ýaly meseleleri-de ünsden düşürmändir.Göräýmäge bu özüne ünsi çekip biläýjekulybir mesele bolmasa-da, Nyzamylmülküň «Syýasatnamasynda-da» «Şanyň ýakyn adamlary we uly il üçin guralýan kabul edişlikleri», «Bereketli saçak we onuň şa köşgündäki düzgünleri» ýaly baplarda-da bu meselä gaty uly üns berlipdir. Ýeri gelende bellesek, şanyň köşgünde özüňi alyp barmak barada beýleki ýazyjylaryň eserlerinde-de aýdylyp geçilýär. Seljuklar döwründe hökümdarlar açyk, ýagny hemmeler üçin kabul edişlikler gurandygy we olarda dürli meselelere seredilendigi barada köp sanly gündogarşynas alymlar aýdyp geçipdirler.Ylaýta-da, gadymdan gelýän däbe eýerip, hökümdarlar Nowruz we Mihirjan (kä ýagdaýlarda Mihirgan) baýramçylygy mynasybetli kabul edişlik gurap, oňa jemgyýetiň dürli gatlaklaryndanbolanadamlargatnaşypdyr. Biziň pikirimizçe, köşke gelýän adamlaryň köşkde özüni alyp barmagyň düzgünlerini düzmekwe onyýerine ýetirmekbilen baglanyşykly bolan bolmaly. Şeýlelikde, täze dörän jemgyýetçilik gatnaşygynyň şertlerinde etiki-medeni talaplaryny düzmek zeruryýeti döräpdir diýsek, hakykatdandaş düşmeris diýip pikir edýäris. Ýeri gelende bellesek, bu kabul edişlikleriň aç-açanlygy, Seljuk döwletinde demokratiýanyň ösmegine uly itergi beripdir.

Gazalynyň eserinde ýene-de uly orun berlen meseleleriň biri-de ylymdyr. Eserde Gazaly Allany tanamagyň we oňa ýakyn bolmagyň

iň ygtybarly çeşmesi yly möwrenmekdigini nygtap geçýär. Kitapda «Ylym», «Ylym öwrenmek», «Ylym öwrenmegiň maksady» ýaly bölümlerde ylym barada ýörite giňişleýin gürrüň edilýän hem bolsa,bu mesele tutuş eseriň içinden eriş-argaç bolup geçipdir. Söz ussady eseriň dowamynda ylym öwrenmegiň dini we dünýewi taýdan ähmiýetiniň uludygyny hälşindi nygtap, ony çeper we logiki serişdeler arkaly delillendirýär. Türki we pars halklarynda atalar sözüne we dürdäne jümlelere öwrülen: «Ylym öwrenmek her musulman üçin parzdyr», «Ylym malyňy (baýlygyňy – H. G.) gorar» ýaly jümleler Gazalynyň eserinde orun tutmak bilen bir hatarda ony edebi-çeperçilik taýdan has-da baýlaşdyrypdyr.
Gazalyny durmuş ýoluna gönükdiren Nyzamylmülk «Syýasatnama» eserinde ylym öwrenmegiň derwaýyslygyna çuňňur aralaşylmandygynyň birnäçe sebäplerini görkezýär. Birinjiden, «Syýasatnama» «Kimýaýi-saadet» eseri ýaly giň okyjylar köpçüligine niýetlenmän, Mälikşanyň tabşyrygy boýunça ýazylan kitapdyr. Şonuň üçin-de, ilkinji nobatda, onda soltanyň gaýragoýulmasyz ýerine ýetirmeli döwlet ähmiýetli syýasy çäreleri hakynda gürrüň edilýär. Ylym-bilimi ösdürmek işini bolsa baş wezir özüniň amala aşyrmaly işleriniň «sanawyna» goşan bolmagy ähtimal. Ikinjiden,taryhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, Mälik şanyň özi hem ylma uly sarpa goýup, onuň ösmegi üçin alada edipdir. Nyzamylmülk Mälik şanyň bu ugurda alyp barýan işleriniň dogrudygyny göz öňünde tutup, «Syýasatnamada» ylym-blim meselesi hakda uzak gürrüň etmändigini düşündirip bolar. Herniçigem bolsa, Mälik şanyň soltanlyk eden döwründe iň beýik ylmy açyşlar we bu ugurda amala aşyrylan özgertmeler şol döwrüň ylym-bilim ulgamynyň derejesiniň örän ýokary bolandygyna doly güwä geçýär.
Nyzamylmülküň «Syýasatnamasy» Seljuklar döwrüniň syýasy-jemgyýetçilik we jemgyýetçilik gatnaşyklary hakynda habar berýän eser bolsa, Gazalynyň «Kimýaýi-saadetini» okap, şol döwrüň ahlak-etiki we ruhy gymmatlyklary barada düşünje alyp bolýar. Bular, elbetde, taryhçy, jemgyýeti öwreniji, ylahyýetçi alymlaryň ünsüni özüne çekýändir, ýöne eserleriň okyjy üçin asyl gymmaty olaryň edebi güýjündedir. Eserleriň

içinden hekaýatlardyr rowaýatlary, hadyslardyr aýtgylary we ş.m. aýrylsa, olar teziz görnüşdäki filosofk ýazgylary emele getirerdi. Eseri eser edýän, onuň gymmatyny, ýatda galyjylygyny we täsirini güýçlendirýän ýagdaýlaronuň çeperleşdrilmegindedir. Galyberse-de, ýazyjylaryň dürli taryhy şahslara we gymmatlyklara ýüzlenmegi okyjynyň ensiklopedik örüsiniň giňelmegine uly täsirini ýetirýär.

**Hydyr GELDIÝEW, S.A.NyýazowadyndakyTürkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy**

*#»Garagum» žurnalynyň N° 12-2020 sanyndan alyndy* Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly